# Paolo Koelýo

Category: Kitapcy,Romanlar,Türkmen dili,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 25 января, 2025
Paolo Koelýo PAOLO KOELIO




Paolo Koelýo –(Iňlisçe – Paolo Coelho) 1947-nji ýylyň 24-nji awgustynda Braziliýanyň Rio-de Janeýro şäherinde dünýä indi. Ýazyjylyk bilen çynlakaý meşgullanmak kararyna gelmezden öň dramaturg, teatr režissýory bolup işledi.
Ilkinji uly seslenme döreden "Zyýarat' atly romany 1987-nji ýylda neşir edildi.
1988-nji ýylda neşir edilen "Alhimik" atly romany bolsa Paulo Koelionyň ussat Gabriýel Garsia Markesden soň, dünýäniň iň köp okalýan latyn amerikaly ýazyjysy diýlip ykrar edilmegine getirdi. P. Koelýonyň häzirki güne çenli 16 kitaby neşir edildi. Ýazyjynyň iň meşhur eserleri "Brida", "Walkiriýa", "Piedra derýasynyň kenarynda oturdym, agladym", "Bäşinji dag" we "Weronika amanadyny tabşyrmak isleýär" ýaly romanlary hasaplanylýar. Onuň "Alhimik" romanynyň dürli dillerde neşir edilen umumy nusgalygy 300 milliondan hem geçdi. Ýazyjy bu eseri üçin dürli ýurtlaryň edebiýat baýraklaryna mynasyp boldy. Häzirki döwürde P. Koelýo aýaly Kristina bilen Rio-de Janeýroda ýaşaýar.
Şunlukda, ýazyjynyň meşhur "Alhimik" romanynyň terjime edilen dilleriniň sany ýene-de artdy – ol türkmen dilinde ikinji

gezek neşir edildi.
**Çeşme: “Dünýä edebiýaty” žurnaly (№1.2011)Paolo Koelio** Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly